# «Lowlap ýandy ýürekde yşk ataşy…»

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Lowlap ýandy ýürekde yşk ataşy…" «LOWLAP ÝANDY ÝÜREKDE YŞK ATAŞY…»

Lowlap ýandy ýürekde yşk ataşy,
Bendi etdi meni seniñ gözleriñ.
Tow berilen gurjak deýin üýtgeşik,
Tirpildedi ýüregime göz degip.

Bu heseriñ, şypasyny bejerjek,
Şemal ýaly ýeñles çykan sözleriñ.
«Sen meniñ ömürlik durmuşym gurjak»
Diýip, saña ýüregimden söz berip.
Wada berip,
Ant içdim, señki ýürek.
Wah, indi men şony saña dözmerin.
Söýmegi öwreden sen bolsan gerek,
Diýmegin biwepa ýa-da özgeren.

Bilýän indi söýgi düýbünden üýtgäp,
Başga-başga serial görýär gözlerim.
Maña indi biwepadyr öýütme!
Seni söýýän diýsem indi göz deger…

Ykbalymyz aýra möhür basypdyr,
Girimize täleý çeken çyzlaryn…
Hyýalymda henizlerem bakyp dur,
Ýüregime ataş salan gözleriñ…

© Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular